**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky**
**№89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-saglyk „Bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralarynyň işi barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

„Bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralarynyň işi barada" (№1-saglyk statistiki forma) hasabaty Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine degişli ilkinji saglygy goraýyş kömegini berýän edaralar etrap (şäher) hassahanalara tabşyrýarlar.

Welaýat we Aşgabat ş., Arkadag ş.tabynlygyndaky edaralar, hasabaty iki ýere –Aşgabat şäheriniň, Arkadag şäheriniň we welaýatyň Saglygy goraýyş müdirliklerine we degişli saglygy goraýyşyň ýokary edaralaryna tabşyrýarlar.

Düzüminde birnäçe saglyk öýleri bar bolan hassahanalar, tutuş birleşik üçin bir-bitewi hasabat tabşyrýar.

Öz düzüminde, ýatymlaýyn bejeriş we saglyk öýleri bar bolan edaralar (edaralarda näsaglara diňe maslahat beriş hyzmatyny goşmak bilen) №1-saglyk „Bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralaryň işi barada" we №14-saglyk „Hassahananyň işi barada hasabat" formalar boýunça hasabat düzülýär.

Eger-de edaranyň düzüminde hem býujet hem hojalyk hasaplary bar bolsa, onda iki hasabat düzülýär (birinji býujet boýunça, ikinji bolsa hojalyk hasaplaşygy boýunça). Diňe býujet ýa-da diňe hojalyk hasaplaşygyndaky edaralar bir hasabat formasyny doldurýarlar.

## 1 BÖLÜM.
## EDARANYŇ BÖLÜMLERI WE OTAGLARY

**1.1 Bölümçe «Bölümler (otaglar)»** boýunça, iki sütün doldurylýar, edarada bar bolan kömekçi bölümler, otaglar, bölekler, barlaghanalar we başgalar görkezilýär.

Bu bölümler örän ünsli doldurylýar, sebäbi onuň maglumatlary edara baradaky ýeke-täk maglumat çeşmesi bolýar.

Rentgen, fizoterapewtik otaglary bar bolan, keseli kesgitleýiş-kliniki, bakteriologiki (mikrobiologiki) biohimiki, sitologiki we başgalar barlaghanalar, otaglar elektrokardiografiýa we funksional kesgitlemesi, hasabatda olar üçin aýratyn ýer, enjamlar, degişli bolan hünärmenler, edaranyň düzümi we degişli iş alnyp barylýan ýagdaýlarda görkezilýär.

Diňe enjamlary düzümde ýöriteleşdirilmedik we aýratyn ýeri bolmadyklar, otaglaryň barlygy görkezilmeýär.

Fizoterapiýa otagy, kliniki kesgitlemesi barlaghanalar, elektrokardiografiýa otagy, haçanda düzümi boýunça geçirilýän işleri diňe, orta saglygy goraýyş wezipeli geçilende görkezilýär,

Hasabat düzüminde BSB lukmanlar we BSB instruktorlary (ýokary saglygy goraýyş we orta hünär bilimli) we degişli geçirilen işler bar bolanda görkezilýär.

Hasabatda degişli bolan hünärmenleriň, logopediki otagy, pulmonologiýa otagy, saglygy goraýyş genetikasy (mediko-genetiki maslahat) boýunça otagy, „Maşgala we nika", ilatyň reproduktiw saglygy boýunça görkezilýär.

Eger kliniki-keseli kesgitleýiş barlaghana haýsam bolsa başga kliniki derňewi (mikrobiologiki, biohimiki we b.) ýerine ýetirýän bolsa, sanalyp geçilen bölümleriň aşagy çyzylýar

diňe kliniki-keseli kesgitleýiş barlaghana, hasabat bölüminde onuň ähli derňewleri geçirilende hasabatda görkezilýär.

Bu görkezme bakteriologik (mikrobiologik) we serologik (immunologik) barlaghanalaryň we beýleki bölümlerde, maglumatlar doldurylanda seredilmeli.

Barlaghanalaryň maglumatlary doldurylanda aşakdaky görkezmelerden ugur almaly:

a) kliniki-keseli kesgitleýiş, barlaghanalarda umumy kliniki dermatologiki derňew we käbir ýagdaýda biohimiki, sitologik görnüşleri, we beýleki derňewler ýerine ýetirilýär.

b) bakteriologik (mikrobiologik) – barlaghanalarynda, taýýarlananda mikroboologiki (bakteriologik) käbir wagtlar immunologik (serologik) derňewler ýerine ýetirilýär.

ç) serologik (immunologik) – barlaghanalarynda, taýýarlanýan immunologik (serologik) ýerine ýetirilýär.

d) biohimiki-barlaghanalarynda taýýarlanýan umumy biohimik, gormanalny, fermentny koagulogik derňewler ýerine ýetirilýär.

e) sitologik-barlaghanada taýýarlanýan sitologik, (eksfolitiw we punksion sitologiýa) derňewler ýerine ýetirilýär.

ä) molekulýar-genetiki barlaghanada molekulýar-genetiki taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

f) ylmy-kliniki synag barlaghanada ylmy anyklaýyş barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

g) sitogenetiki ylmy anyklaýyş barlaghanada sitogenetiki barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

h) mikrobiolizm ylmy anyklaýyş barlaghanada mikrobiolizm barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

i) metabolizm ylmy anyklaýyş barlaghanada metabolizm barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

j) patomorfologiýa ylmy anyklaýyş barlaghanada patomorfologiýa barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

k) embriologiýa we sütün öýjükleriň ylmy anyklaýyş barlaghanada embriologiýa we sütün öýjükleriň barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

l) wiwarium barlaghanasy barlaghanada haýwanlara edilýän ähli barlaglary taýýarlanýan derňewler ýerine ýetirilýär.

**1.2 Bölümçe «Başga bölümler»** bölüminde süýt aşhanasy bar bolan ähli dermanhanalaryň sany görkezilýär. Bu bölümde ähli sagaldyş bölümlerinyň sany, şol sanda aýratyn lukmanlyk we feldşerlik bölümleri, şeýle hem oba merkezleri we sagaldyş öýleri görkezilýär.

**1.3 Bölümçede «Saglygy goraýyş edaralaryň aýratyn alynan bölümleri»** bejeriş edaralarynda bar bolan ýörite bölümler, BWU maýyplaryna edilen hyzmat we ondaky orunlaryň sany görkezilýär. Bu ýerde BWU maýyplary üçin orunlar goşulmaýar, ýatymlaýyn bejeriş beýleki bölümleriň düzüminden aýratyn görkezilýär.

**1.4 Bölümçede «Edaranyň kuwwatlylygy»** (edaranyň bir salkynda iş gatnamalaryň sany) saglyk öýlerine çalyşmada gelýänleriň sany görkezilýär. Bu bölümi doldurmak üçin esasy meýilnamalaşdyrlan kuwwatyny, her bir saglyk öýi üçin ýokary saglygy goraýyş guramalar görkezme berýär.

## 2 BÖLÜM.
## ILKINJI SAGLYGY GORAÝYŞ KÖMEGINI BERÝÄN EDARALARYŇ IŞI

Bölüm 2 ähli bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralarynyň, näsaglaryň gatnaw bejergide geçiren kabullary, şol sanda edarada, diňe esasy maslahat beriş kabullary doldurylýar.

**2.1 Bölümçede «Lukman gatnamalary»** nasaglaryň saglyk öýlerine gatnawlaryny we näsaglaryň öýlerine gatnamalaryň hasabat maglumaty görkezilýär.

Bu bölümçäniň aşagynda gatnawlaryň umumy sanynyň (keseliň öňini alyşy goşmak bilen), edaralarda ähli hünärmenli lukmanlara edilen, saglyk böleklerinde lukmanlara gatnawlaryny goşmak bilen. Bu sana diş lukmana, tiz kömek gatnawlary, eger olar bölüm tarapdan „tiz kömek” edilen bolsa, şeýle hem kömekçi bölümlerde (otaglarda) edilen gatnawlar goşulmaýar.

Gatnamalaryň sanyna funksional kesel kesgitleme, EKG, fizioterapiýa bejeriş bedenterbiýe, şöhle terapiýa, (rentgen we gamma-terapewtik) bellenen bejeriş we onuň netijesini barlamak üçin lukmanlaryň gatnamalary hem goşulýar, şeýle hem käbir ýagdaýlarda haçanda emleri we gözden geçirilişi lukmanyň özi geçirýär.

Bu bölümçe doldurylanda (f. №039/h) näsaglaryň gatnamalaryň hasabat maglumat sanawyndan alynýar, ýylyň dowamynda doldurylýar.

3,4-nji we 5-nji sütünlerde jemi, sany, keselli boýunça gatnawlaryň hasabyna, 1-nji sütünde görkezilen sandan hökman az bolmalydyr.

Şonuň üçin çaga lukmanynyň maglumat sanawynda bu kontingentlerde hyzmat edýänler, gatnamalar diňe çagalar dälde, ulular, şeýle hem ýetginjekler 15 ýaşlylar we olardan ulular hem edil uly ýaşlylara gatnamalar maglumatlary hökman bolmaly.

Bu gatnama hasabat maglumat sanawyny doldurmak nusgasyny aşakda görkezilýär:

| 2.1 bölümçäniň sütüniň tertip belgisi | Gatnamalaryň hasaba alnyş maglumat-sanawyna (f. 039/h) sütüniň deň gelýän tertip belgileri |
|---|---|
| St.1 | St.2 |
| St.2 | St.3,4,5 |
| St.3 | St.3 |
| St.4. | St.4. |
| St.5. | St.5 |
| St.6 | St.8 |
| St.7 | 10, 13-nji st. jemi |

Orta saglygy goraýyş işgärlerine gatnawlary we özbaşdak kabul edilenler, şol sanda öýlere gatnamalary aýratyn hasaplanýar.

Bölümçäniň aşagyndaky setirde lukmana gatnamalaryň umumy sany görkezilýär, hojalyk hasaplaşygynda edilenler we ýörite serişdeler, hojalyk hasaplaşygynda neşekeşler otagyna aýratyn gatnawlary görkezilýär.

**2.2 Bölümçede «Bellenen edara tarapyndan geçirilen keseliň öňüni alyş işi»** ilata serediliş baradaky maglumatlar diňe edaranyň öz güýji bilen geçirilen, ilatyň nirede ýaşaýandygyna, hyzmat edýän ýerindemi ýa-da başga ýerlidigine garamazdan goşulýar.

Bölümçä ilatyň belli bir böleginde wagtal-wagtal keseliň öňüni alyş serediliş baradaky maglumatlar seredilişe degişli bolan, Türkmenistanyň SG we DSM buýrugynyň görkezmesi esasynda we usulyýet görkezmesi beýleki seredilişlerde dekretleşdiriş, kontingentlerde ilatyň aýratyn böleginde işleýänler goşulýar.

Bu bölümçäniň aşagynda 15-17 ýaşlylary (17 ýaş 11 aý 29 gün) hem hasaba goşup, ýetginjekleriň, esasan hem guramaçylykly seredilişi goşulýar.

Bu bölümçäni düzmekde maglumatlar, okuw jaýlarynyň we kärhanalaryň ýetginjekler kontingentlerinde saglygy goraýyş gözegçiligine degişli bolan, şeýle hem olaryň netijeleri bilen berlen sanawlar esasynda alynýar.

Keseliň öňüni alyş serediliş işine başlamazdan öňünden, geçirilen işe zyýany ýoklugy doly anyklanan bu hünärde keseliň öňüni alyş seredilişiň sanyna goşulmaýar.

Flýuorografiýa, tuberkulinli barlam usuly, rentgenoskopiýaly gözegçilik maglumat sany aýratyn görkezilýär. Inçekesele gözegçilik, gözegçiligiň esasy usullarynda görkezilýär.

Bu ýere, ýüze çykan inçekeselli näsaglar, merezeýli näsaglar, mekdepde, ýokary we orta hünär okuw jaýlarynda, kärhanalarda we edaralarda, şeýle hem ýokanç keseller boýunça bejeriş edaralaryna ýüz tutan näsaglara seredilişi goşulýar.

**2.3 Bölümçe «Öýde ölüm sebäbi boýunça edara tarapyndan ölüm barada berilen şahadatnamalar»** ähli bejeriş-keseliň öňüni alyş edaralary, ýylyň dowamynda öýde ölen näsaglara lukmanlyk şahadatnamalary doldurylýar.

Berlen ölüm baradaky şahadatnamalaryň we kepilnamalaryň sanyndan berlenleriň bölejiklerini sanap, edaralarda galanlary (gutarnykly maglumat ) we öňünden diňe bir ýagdaýda, haçanda gutarnykly düzülmedik bolanda görkezilýär.

Saglyk öýi we ýatymlaýyn bejerişleri bar bolan edaralarda jetwel doldurmaga maglumat ýygnananda, jetwele ýagny ýatymlaýyn bejerişde ölen ýagdaýlaryndaky berlen şahadatnamalaryň maglumatyny girizmeli däldigine hökman üns bermeli.

Lukmanyň perinatal ölümi baradaky şahadatnamasynyň bölejiginiň umumy sanyndan diňe ömrüniň ilkinji hepdesinde ölenleriň (öli doglanlara doldurylanlardan şahadatnamanyň bölejigi alynmaýar) şahadatnamasynyň bölegi aýrylýar. Bölümiň 1.0-nji setirinde edaranyň tarapyndan öýde ölenlere berlen şahadatnamalar we kepilnamalaryň umumy sany, 2.0-nji setirde şol sanda şahadatnamalaryň we kepilnamalaryň sany, 1 ýaşa çenli (7 gije-gündizlik, 11 aýlyk, 29 günlik) öýde ölen çagalara berlen we 0-6 gije-gündizlik çagalaryň öýde ölen ýagdaýynda berlen şahadatnamalaryň we kepilnamalaryň sany, 3.0-nji setirde göwreliler, dogumdaky we täze dogran aýallaryň öýde ölen ýagdaýyndaky berilen şahadatnamalaryň we kepilnamalaryň sany görkezilýär.

**2.4 Bölümçede «Ilkinji saglygy goraýyş kömegini berýän edaralaryň hirurgiýa işi»** saglyk öýlerindäki edilen hirurgiýa amallarynyň maglumatlary goşulýar.

Bu bölümçe doldurylanda maglumatlary saglyk öýünde geçirilen hirurgiýa amallarynyň ýazgy depderçesinden (f. 069/h) alynýar.

1.0-nji setirde hirurgiýa amallarynyň umumy sany görkezilýär (süt.1). 2-nji sütünde şolardan lazer ulanmak bilen geçirilen hirurgiýa amallary görkezilýär.

Yzyndaky setirde aýratyn hirurgiýa amallarynyň topary görkezilýär, olardan, şol sanda hirurgiýa amallarynyň käbir görnüşleri bölünip aýrylýar 2.0, 3.0, 4.0,…. 9.0-nji setirler boýunça sanlaryň jemi, ýagny hirurgiýa amallarynyň topary görkezilýär, edil düzgün boýunça 1.0-njy san az bolmaly-„jemi”- hirurgiýa amallarynyň toparynyň hasaby, bölümler boýunça görkezilmedik.

**2.5 Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlarynyň sagaldyş gözegçiligi.**

Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlarynyň sagaldyş gözegçiligi 030/h görnüşinden «Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy», şeýle hem gatnaw bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasynyň esasynda doldurylýar, (f. 025-112/h) esasynda ähli setirler we sütünler saglygy goraýyş kartasynyň esasynda BWU-maýyplarynyň fiziki şahslaryny görkezýär. beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary, BWU-na gatnaşanlary, degişli edaranyň gözegçiliginde duranlar görkeziýär.

1.0-nji setirde ýylyň başynda sagaldyş gözegçiliginde duran şahslaryň sany görkezilýär.

2.0-nji setirde BWU–maýyplary, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary, BWU-na gatnaşanlar, hasabat ýylynda täzeden sagaldyş gözegçiligine alynanlar. Düzgün boýunça maýyplar toparyna täzeden giren şahslar, başga töwerekden gelenler we ş.m. hasabaty ýöredilýär.

3.0, 3.1, 3.2-nji setirlerde diňe ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi (göçmegi) ýa-da ölenligi sebäpli hasabat ýylynyň dowamynda sagaldyş gözegçiliginden aýrylanlar görkezilýär.

TSG we DSM–niň düzgünine laýyklykda BWU-na gatnaşanlar, BWU-maýyplaryna, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary degişli bolan saglygy goraýyş edaralarynda ýylyň dowamynda olaryň sagaldylyşa mätäçligine seretmezden elmydama sagaldyş gözegçiliginde bolmaly.

4.0-nji setirde ähli BWU-na gatnaşanlar, BWU-maýyplary beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary, hasabat ýylynyň ahyrynda edaralarda sagaldyş gözegçiliginde duranlar görkezilýär.

5.0-nji setirde klinikanyň hünärmenleri (terapewti, hirurgy, trawmatolog-ortopedi, newropatology, oftalmology we stomatology) hemme taraplaýyn saglygy goraýyş seredilmesi bilen gurşalanlar, şeýle hem kliniki-keseli kesgitleýişe (rentgenografiýa, EKG, derňewleri we ş.m.) hökmany gözegçilikler görkezilýär.

Gatnaw bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasy (f.025-112/h) boýunça hünärmeniň kesgitlemesinde (sagaldyş gözegçiligine, ýatymlaýyn bejerlişe, şypahanalara, oturtma (protezirlemä) we ş.m.) görkezilen bejerilişe doly hödürleme bolmaly.

Gözden geçirilişde käbir zerur ýagdaýda, beýleki hünärmenler (endokrinolog, urolog we ş.m.) hem gatnaşýarlar.

Doly däl hünärmenleriň gözden geçirilişi hemme taraplaýyn saglygy goraýyş seredilmesi diýip hasap edilmeýär (ýyllyk hasabaty doldurylanda muňa hökman üns bermeli).

Hemme taraplaýyn saglygy goraýyş seredilmesi geçirilen wagty bilen bir wagtda pensiýa şahadatnamalaryndan maýyp toparlary anyklanýar, sosial taýdan üpjünçilik döredilen, degişli ýazgy nämeden edilýär; gatnaw bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasyndan we sagaldyş gözegçilik kartasyndan. Bu maglumatlaryň esasynda 7.0, 8.0, 9.0-njy setirler doldurylýar.

6.0-njy setirde (hemme taraplaýyn saglygy goraýyş seredilmesiniň netijesinde) ýatymlaýyn bejergide sagaldyşa mätäç BWU-na gatnaşanlar (BWU-maýyplary, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary barada maglumaty girizilýär.

7.0-nji setirde BWU-maýyplaryndan, BWU-na gatnaşanlardan, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlaryndan hassahanalarda ýatymlaýyn bejerlişe mätäçleriň, bejeriş alanlaryň sany.

8.0-nji setirde BWU-nyň maýyplaryndan, BWU-na gatnaşanlardan, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlaryndan şypahana bejergisini alanlaryň sany.

2.5-nji bölümi ýatymlaýyn bejeriş edaradan çykarylan näsagyň statistik kartasy 066/h görnüş esasynda: ýatymlaýyn bejerlişe ýerleşdirilen ähli BWU-maýyplarynyň, BWU-na gatnaşanlaryň, beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlarynyň bölümleriň ýa-da otaglaryň barlygyna seretmezden, planly tabşyryk düzgüni boýunça, şeýle hem gyssagly görkezmeler esasynda doldurylýar.

**Bölümçe 2.6 «Stomatologiýa gullugynyň bejeriş otagynyň işi»** doldurylanda stomatolog-lukmanyň gündeki işleriniň hasaba alyş kagyzy (f.039-6/h)we diş bejeriş merkeziniň, bölüminiň, otagynyň, diş bejeriş-lukmanynyň bejeriş işleriniň jemleýji (f.037/h) hasabatlaryň maglumatlarynyň esasynda doldurylýar.

Bölümçä saglyk öýlerini berkidilen stomatologiki otaglary ýokary okuw jaýlaryndaky, orta hünär mekdeplerdäki, umumy bilim berýän mekdeplerdäki (mekdep-internatlary goşmak bilen) stomatologlaryň işi maglumata goşulýar.

**Bölümçe 2.7 «Stomatologiýa gullugynyň ortopediki otagynyň işi»** doldurylanda stomatologiýa bölümi, saglyk öýüniň otaglary boýunça gatnaw kabul edýän stomatolog-ortoped lukmanyň işini hasaba alyş gündeligi „Stamotolog-ortoped lukmanyň işini hasaba alyş gündeligi” (f.039-4/h) maglumatlaryň esasynda doldurylýar.

Bu gatnama hasabat maglumat sanawyny doldurmak nusgasyny aşakda görkezilýär:

| 2.7 bölümçäniň sütüniň tertip belgisi | Gatnamalaryň hasaba alnyş maglumat-sanawyna (f. 039-4/h) sütiniň deň gelýän №№ |
|---|---|
| 1-nji sütün | 41-nji sütüni, |
| 2-nji sütün | 8-nji sütüni, |
| 3-nji sütün | 10-njy sütüni, |
| 4-nji sütün | 9,12,13,14,16-njy sütünleriň jemi, |
| 5-nji sütün | 18,19,21,23,25,27,28,30-njy sütünleriň jemi, |

| | |
|---|---|
| 6-njy sütün | 20, 26-njy sütünleriň jemi, |
| 7-nji sütün | 31- 34-nji sütünleriň jemi, |
| 8-nji sütün | 35- 36-njy sütünleriň jemi, |
| 9-njy sütün | 37, 38-nji sütünleriň jemi |
| 10-njy sütün | 15,22,29-njy sütünleriň jemi, |
| 11-nji sütün | 11-nji sütüni bilen deň gelmeli. |

**Bölümçe 2.8. «Stomatologiýa gullugynyň ortodont otagynyň işi»** doldurylanda stomatologiýa bölümi, saglyk öýüniň otaglary boýunça gatnaw kabul edýän stomatolog-ortodont „Stomatolog-ortodont lukmanyň işini hasaba alyş gündeligi” (f.039-3/h) maglumatlaryndan doldurylýar.

Bu gatnama hasabat maglumat sanawyny doldurmak nusgasyny aşakda görkezilýär :

| 2.8 bölümçäniň sütüniň tertip belgisi | Gatnamalaryň hasaba alnyş maglumat-sanawyna (f. 039-3/h) sütiniň deň gelýän №№ |
|---|---|
| 1-nji sütün | 3,5-nji sütünleriň jemi, |
| 2-nji sütün | 14-nji sütüni, |
| 3-nji sütün | 16 njy sütüni, |
| 4-nji sütüni | 17-njy sütüni, |
| 5-nji sütüni | 18-nji sütüni, |
| 6-nji sütüni | 19-nji sütüni, |
| 7-nji sütüni | 20-nji sütüni, |
| 8-nji sütüni | 21-nji sütüni, |
| 9-njy sütüni | 22-nji sütüni, |
| 10-njy sütün | 23-nji sütüni. |

## 3 BÖLÜM.
## BEJERIŞ-DIKELDIŞ BÖLÜMLERINIŇ (OTAGLARYNYŇ) IŞI

**3.1 Bölümçäniň «Radiologiýa bölüminiň (şöhle bejeriş otagynyň) işi»** howply täze döremeler we çişsiz keselleriň şöhle bejergisini alan näsaglaryň umumy sany goşulýar, 5-nji setirde bejerilen çiş däl kesseli näsaglar barada maglumaty ýazylýar.

Rentgen-bejergi bölüminde rentgen bejergi, gamma bejergi we radio işjeň serişdeler bilen bejergini gutaran näsaglar barada maglumatlar näsagyň kartasyndan (f. №051/y) alynýar.

**3.2 Bölümçede «Fizioterapiýa bölüminiň (otagynyň) işi»** (f.044/h) fizioterapewtik bölüminde (otagynda) bejergi alýan näsagyň kartasy esasynda doldurylýar. Otaglarda bejergini gutaran şahslaryň umumy sanyndan jemi, şol sanda - çagalar hasaplanylýar. Bu sana diňe näsaglar baradaky maglumatlar goşulýar, ýagny gutaran emleriň sany kartada bellenen emleriň sanyna deň gelýär we bejerilişiň netijesinde fizioterapewt lukmanyň belligi bolmaly.

2-nji setirde „Bejergini gutaran adamlara goýberilen sagaldyş çäreleriň sanlary” bölekde - näsagyň kartasynda, bejerilýän fizioterapewtik bölümde (otagda) (f.044/h) gutaran emleriň umumy sany hasaplanýar. Hasaplama ähli kartalar boýunça geçirilýär; bejergisi gutaran, bejergisi dowam edýän näsaglar.

**3.3 Bölümçede «Bejeriş-bedenterbiýe otagynyň işi»** „Sagaldyş bedenterbiýe otagynda bejerdýänleriň kartasy” (f.042/h) esasynda doldurylýar.

SBO-da bejergini gutaranlary, karta boýunça, SBO bejergisini gutaranlaryň belligi bolanlar hasaplanýar, (bejeriş gününiň san hasaby), olardan aýratyn setirde 14 ýaşa çenli çagalar hem goşulýar.

SBO otaglarynda goýberilen emleriň umumy sany maşyklaryň üýtgeşmesi ähli kartalar boýunça hasaplanylýar, şeýle hem näsaglaryň bejergisi gutaran we bejergisi gutarmadyklary.

**3.4 Bölümçede «Refleksbejergi otagynyň işi»** refleksobejergi otagynyň işi barada maglumat berilýär. Bu bölüm doldurylanda (f.044/h) „Fiziobejergi bölüminde (otagynda) bejergi alýan näsagyň kartasyndan bejergini gutaran şahslaryň sany, goýberilen emleriň sany alynýar. Bejergini gutaran şahslaryň sany we goýberilen emleriň sany hasaplamasy edil fiziobejergi bölümdäki ýaly geçirilýär.

**3.5 Bölümçede «Gemodializ bölüminiň işi»** dializ-enjamlarynyň jemi sany we olardan hereket edýänleriniň sany, şeýle hem dowamly gemodializ bölümlerinde, ýatymlaýyn bejeriş bölümlerinde, „emeli böwrek" enjamy bar bolan ýerdäki dializ ýerleriniň sany görkezilýär.

Ähli näsaglaryň gemodializ alanlary „Gemodializ emleri hasaba alynyş kartasyndan" (f.150/h) doldurylýar. Gemodializ emleriniň hasabaty kartada 1 ýylyň dowamynda, ýanwar aýynyň 1-den başlap we dekabr aýynyň 31-ne gutarýar. Täze ýylyň ýanwar aýynyň 1-den her bir näsaga täze karta ýöredilýär. Näsagy gatnaw bejergili gemodialize geçirilende we näsagy hassahana ýerleşdirilende, gatnaw bejergi gemodializde ýerleşýänler, bir kalendar ýylynyň dowamynda emleriň arakesmesiz belgisi saklanýar. Kartanyň „beýleki bellikler" sütüninde „Gatnaw bejergi" ýa-da „ýatymlaýyn bejerişde" näsaglaryň geçiren gemodializi bellenilýär.

Näsaglaryň geçiren bejeriş çäreleri ýylyň dowamynda kartada (sütün № tertip boýunça) emleriň soňky tertip nomeri deň gelýär. Hasabatda ýylyň dowamynda näsaglara edaralarda geçiren gemodializleriň umumy sany görkezilýär.

Gemodializ emleriniň hasabat kartasy bölümde - 3 ýylyň dowamynda saklanylýar.

Gatnaw bejergisindäki gemodializ, hassahanadaky bölümde geçirilen gemodializ, näsaga (f.025-112/h) gatnaw bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasy doldurylýar, ýagny bölümde demodializ diňe näsagyň bejeriş döwründe gemodializ bölüminde saklanylýar.

Näsaglaryň gatnaw bejergisindäki gemodializ bölümine düşenleriň ölen ýagdaýlarynda aýratyn hasaplanýar. Gemodializ emlerinden Multifitrat enjamyndan bejergi alanlaryň sanyny anyklamak üçin bölümçaniň aşagynda aýratyn görkezilýär we maglumatlar „Gemodializ bölüminiň işi" bölümçesindäki ýaly alýnýar.

**3.6 Bölümçede «Giperbariýa oksigenleme bölüminiň işi»** barokameralaryň sany, şol sanda hereket edýänleriniň sany baradaky maglumatlaryň giňişleýin görnüşi Türkmenistanyň SG we DS ministirliginiň „Dünýäde giperbariýa oksigenlemäniň ösüşi baradaky" buýrugyna degişli bolanlary görkezilýär.

Bejeriş çäreleriň netijeleri näsagyň gatnaw bejergi saglygy goraýyş kartasyna ýa-da ýatymlaýyn bejeriş saglygy goraýyş kartasyna girizilýär.

3-nji punktda bejeriş çäreleriň umumy sany, näsagyň gatnaw bejergi saglygy goraýyş kartasyndan (f.025-112/h), näsagyň ýatymlaýyn bejeriş kartasyndan (f.003/h) hasaplanyp görkezilýär.

**3.7 Bölümçe «Logopediki kömegi»** doldurylanda logoped bejerilişe gatnan şahslaryň san maglumaty, gatnaw bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasyndan (f.025-112/h) alynýar.

**3.8 Bölümçede «Litotripsiýa bölüminiň işi»** litotripsiýa bölümleriniň ýerleriniň sany, hereket edýan enjamy bar bolan ýatymlaýyn bölümçelerinde bejergini alan näsaglaryň sany görkezilýär.

3-nji setirde näsaglara umumy geçirilen litotripsiýa barlagyny alan (f.025-112/h) we ýatymlaýyn bejergi alýan näsagyň saglygy goraýyş kartasyndan alynýar.

## 4 BÖLÜM.
## ANYKLAÝYŞ BÖLÜMLERINIŇ IŞI

Bu bölümde R - enjamlaryň, şol sanda hereket edýänleriniň sany görkezilýär. Rentgenologiki barlagyň, şöhle geçirmeklik, ultrases we beýleki şöhle (barlaglary), bölümler,

distansion-keseli kesgitleýiş otaglary, funksional kesgitleýiş, barlaghananyň işi we başgalar baradaky maglumat görkezijiler hem goşulýar.

Bu bölümde keseliň öňüni alyş edaralaryndaky, anyklaýyş hyzmatyna degişli bolanlary doldurylýar. Bu ýere beýleki edaralarda geçirilen barlaglaryň, derňewleri baradaky maglumatlar goşulmaýar bu keseliň öňüni alyş bejeriş edarada, keseli kesgitleýiş bölüm egerde başgalara edilen kömek, näsaglara başga edaralara iberilenler, kesgitleýiş bölümiň işi maglumatyna ähli geçiren işlerine goşulýar, näsaga garaşly bolmadyk haýsam bolsa edilen kömekler goşulýar.

**4.1 Bölümçede «Rentgen anyklaýyş (keseliň öňüni alyş seredişlerini hasaba goşup) işi»** keseli kesgitleýişiň işiniň göwrümi we rentgenologiki barlaglar, keseliň öňüni alyş seredilişleri maglumatlary goşulýar (flýuorografiýa barlagyndan aýratyn bölümde görkezilýär).

1-nji sütünde ýerine ýetirilen anyklaýyşlaryň umumy sany görkezilýär. Döş kapasasynyň agzalarynyň, iýmit siňdiriş agzalaryň, süňk-bogun agzalary we beýlekiler, 2-5-nji sütünlere görä bölünýär.

Beýleki gözegçilikler sany giňişleýin garyn boşlugynyň alynan suraty, we boşlyksyz giňlik (garyn-içege trakty suratlaryndan başgasy) ýumşak dokmalaryň we süýt mäzleriniň suratlary, peşewçykyş ýolunda kontrast gözegçilikler, aýal jynsçägi, äň-ýüz çägindäki we diş suraty, BGB-organlarynyň barlagy (bogaz, gulak içiniň suraty goşulýar) oňurga ýiligi we kelle beýni barlaglary degişlilikde.

4-nji sütünde gapyrga, biloňurga, diskografiýa we artrografiýanyň suratlary goşup, sünk-bogun ulgamynyň gözegçiligi baradaky maglumatlar görkezilýär.

1-nji sütünde gökezme boýunça, jemi sany köp, beýleki agzalaryň gözegçiligiň hasabyna (bölümçäniň ähli setirleri) 2-5-nji sütünlerden köp.

Süňk-bogun ulgamynyň ähli suraty, bir näsagyň gelmeginde döredilenleri, edil bir gözegçilik hasaplanýar.

Döş kapasasyndan şöhle geçirmek we rentgenografiýany bir gözegçilik hasaplanýar.

Iýmit siňdiriş, aşgazan we on iki barmak içege we içege seredilişleri bir gözden geçiriliş hasaplanylýar.

6-njy setirde kyn we işi köp talap edýän ýörite rengenologiki barlaglar görkezilýär. Ol barlaglara angiografiýa, limfografiýa, bronhografiýa, diskografiýa, zondowyýgrafiýa ýörüte maddalaryň ulanmagy bilen mammografiýa, holistografiýa, fibroskanirowaniýa, densitrometriýa barlaglary, ähli iç organlaryň tomografiýasy we başglar görkezilýär.

Eger bir näsaga bir wagtda döş kapasasynyň agzalaryň bokurdak we iýmit, siňdiriş agzalaryň (giňişleýin barlaglaryndan başgasy) geçirilen rentgenologik gözegçilikler, şol gözegçilikler hem organlar sistemalary özbaşdak hasaplanýar.

## 4.1.1 BÖLÜMÇE
## RENTGENOLOG BARLAGLAR

Rentgenolog barlaglaryň umumy sanyndan 4.1-nji bölümçede görkezilen 4.1.1-nji setirde (1-nji sütüniň 1.0-njy setirinde) 1.0 gatnaw bejergidäki näsaglara edilen gözegçilikler görkezilýär. Rentgenologiki barlaglaryň umumy sanyndan (bölümçe 4.1-nji, 1-nji sütüniň 3.0-njy setirinde) dişleriň rentgenogrammalary (1.1-nji setir), öt çykaryş ýollarynyň (1.2-nji setir), peşew çykaryş ýollarynyň (1.3-nji setir), metrosalpingografiýalar (1.4-nji setir), irrigoskopiýalar (1.5-nji setir), we başgalar 1.6-njy setirde görkezilýär. 2.0-njy setirde R-enjamlarynyň sany görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 2.1-nji setirde görkezilýär. Angiograf enjamlarynyň sany 3.0-njy setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 3.1-nji setirde görkezilýär. 4.0-njy setirde angiografiýa barlagy geçirilen syrkawlaryň sany görkezilýär. Geçirilen angiografiýalaryň barlaglarynyň sany, 5.0-njy setirde, şol sanda koronarografiýala (5.1-nji setir), aortagrafiýasy (5.1-nji setir), böwrek arteriýasynyň angiografiýasy (5.1-nji setir), beýninyň arteriýasynyň angiografiýasy (5.1-nji setir), selektiw angiografiýasy (5.1-nji setir) görkezilýär. 6.0-njy setirde mammograf enjamlarynyň sany görkezilýär, olardan hereket edýänleriniň sany 6.1-nji setirde

görkezilýär. Mammografiýa barlagy geçirilen syrkawlaryň sany 7.0-njy setirde görkeizlýär. Geçirilen mamografiýalaryň sany 8.0-njy setirde görkezilýär. Kompýuter tomograf enjamlarynyň sany 9.0-njy setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 9.1-nji setirde görkezilýär. Tomografiýa barlagy geçirilen syrkawlaryň sany 10.0-njy setirde görkezilýär. Geçirilen kompýuter tomografiýalaryň sany 11.0-njy setirde görkezilýär, şolardan ýüregiň KT barlagygynyň sany 11.1-nji setirde görkezilýär. ÝAMRT enjamlaryň sany 12.0-njy setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 12.1-nji setirde görkezilýär. ÝAMRT barlagy geçirilen syrkawlaryň sany 13.0-njy setirde görkezilýär. Geçirilen ÝAMRT-ryň sany 14.0-njy setirde görkezilýär, şolardan ýüregiň ÝAMRT barlaglaryň sany 14.1-nji setirde görkezilýär. Elektrofiziologiki barlagy geçirilýän enjamlaryň sany 15.0-njy setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 15.1-nji setirde görkezilýär. Ýüregiň elektrofiziologiki barlagy (EFB) geçirilen syrkawlaryň sany 16.0-njy setirde görkezilýär, şolardan çagalarda 16.1-nji setirde görkezilýär. Fibroskan enjamlarynyň sany 17.0-nji setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 17.1-nji setirde görkezilýär. Fibroskan barlagy geçirilen syrkawlaryň sany 18.0-njy setirde görkezilýär. Geçirilen fibroskaniýalaryň sany 19.0-njy görkezilýär. Densitometr enjamlarynyň sany 20.0-njy setirde görkezilýär, şolardan hereket edýänleriniň sany 20.1-nji görkezilýär. Densitometr barlagy geçirilen syrkawlaryň sany 21.0-njy setirde görkezilýär. Geçirilen densitrometriýalaryň sany 22.0-njy setirde görkezilýär.

**4.2 Bölümçede «Rentgenologiki keseliň öňüni alyş barlaglary».** Keseliň öňüni alyş barlaglary barada maglumatlar döş kapasasynyň flýuorografiýalaryň sanyň hemmesi 1.0-nji setirde, şolardan 14 ýaşa çenli çagalary hasaba goşup 1.1-nji setirde, ýetginjekler 1.2-nji setirde görkezilýär.

Bu bölümçede şahsy adam flýuorografiýa barlaglaryny geçenleriň sany dälde, flýuorografiýa barlaglaryň sany görkezilýär.

**4.3 Bölümçede «Ultrases barlaglary»** Birinji setirde USB-enjamlarynyň sany (1,0-njy setirde) we olardan hereket edýänleriniň sany (1.1-nji setirde) görkezilýär. Bu bölümçede 2.0-nji setirde geçirilen ultrases barlaglaryň sanynyň hemmesi şol sanda: ýürek-damar ulgamynyň (2.1-nji setirde), garyn boşlugynyň agzalarynyň (2.2-nji setirde), aýallaryň jyns organlarynyň (2.3-nji setirde), şolardan göwrelilik wagtynda(2.3.1-nji setirde), täze dogulan we kiçi ýaşly çagalary(2.4-nji setirde), göwüs mäziniň(2.5-nji setirde), galkan şekilli mäzi(2.6-njy setirde) we beýlekiler baradaky maglumatlar görkezilýär.

**4.4 Bölümçe «Endoskopiýa bölümleriniň (otaglarynyň) işi»** 1-nji setirde endoskopiýa-enjamlarynyň sany we olardan hereket edýänleriniň sany (1.1-nji setirde) görkezilýär.1.0-nji setiriň 1-nji sütünde bölümlerde (otaglarda) endoskopiýa barlaglarynyň umumy sany görkezilýär (aşgazan-içege trakta, bronhoöýken apparat, şeýle hem ezofagogastro-duodenoskopiýa, kolonoskopiýa, bronhoskopiýa we beýlekiler).

2.0-nji setirde „şol sanda bejergi emleri” görkezilýär: özge tenleriň aýyrmasy, polipler, derman goýbermeler we beýleki preparatlar, derman we şöhle bejergisi we beýleki bejeriş çäreleri.

30-njy setirde barlaglaryň umumy sanyndan sitologoýa barlaglaryň materiallary almaklyk üçin barlaglaryň sany aýratyn görkezilýär.

**4.5 Bölümçede «Barlaghanalaryň işi»** egerde bejeriş edara birnäçe barlaghanalar bar (kliniki-kesgitleýiş, bakteriologiki, biohimiki we ş.m.) olaryň işi baradaky maglumatlaryň jemi görkezilýär.

Geçirilen derňewleriniň umumy sany maglumatlar 1.0-nji setirde, gatnaw bejerilişdäki näsaglara edilen derňewleriň sany –2.0-nji setirde.

„Barlaghananyň işi” bölümçe doldurylanda (f. 262/h) barlaghanalar depderçesinden alynýar, her bir formany ýylyň dowamynda setirlerdäki edilen degişli umumy sany: gematologiki, sitologiki, we baş. saglyk öýlerde öýdäki näsaglara gatnaw bejergisinde edilen barlaglaryň sany.

Bu bölümçe doldurylanda Türkmenistanyň SG we DS ministirliginiň buýrugy boýunça tassyklanan „Barlaghanalaryň derňewleriniň esasy görnüşleri” ýolbaşçylyk etmegine hödürlenýär.

Hasabat jetweliniň 1-nji sütünde 2-11-nji sütünleriň jemi görkezilmeli. 2-nji sütünde gematologiki barlaglaryň sanyny görkezmeli, her bir görkezijini aýratyn barlag görnüşinde (ýeke täk hasabat) çykýan moçberi hasaplanýar .( 5 köpeltmeli)

- HB
- eritrosit
- leýkositler
- EÇT
- Leýkoformula

3-nji sütünde biohimiki derňewleriň jemini görkezmeli. 4-nji sütünde sitologiýa degişli geçirilýän derňewleriň jemi görkezilmeli. 5-nji sütünde mikrobiologiki derňewleriň sanyny görkezmeli. Jetweliň 6-njy sütünde imunologiki derňewleriň sanyny görkezilmeli. 7-nji sütünde umumy-kliniki barlaglara degişli derňewler görkezilmeli:

<u>Peşewiň umumy (kliniki) derňewi öz içine 12 barlagy alýar</u>.
- umumy häsiýeti ( mukdary, reňki, durulygy);
- peşewiň dykyzlygyny ölçemek ;
- peşewiň Ph anyklamak;
- gana reaksiýasy;
- belogy anyklamak;
- süýjini anyklamak;
- keton bedenjiklerini anyklamak;
- urobilinogenlary anyklamak;
- bilirubiny anyklamak;
- öt turşylaryny anyklamak;
- indikany anyklamak;
- peşewiň çökündisiniň mikroskopiýa barlagy;

<u>Täretiň (kliniki) umumy barlagy 9 barlag öz içine alýar:</u>
- umumy häsiýetleri описание общих свойств;
-gizlin gana reaksiýasy ;
- sterkobilina reaksiýasy;
- bilirubina reaksiýasy;
- nariw nusganyň mikrosopiýasy;
- sudan we metilen gök bilen mikroskopiýasy ( ýaglary tapawutlandyrmak);
- mikroskopiýa (ýönekeýlere);
- mikroskopiýa (gurçuk tohumyna).

Gakylygyň umumy (kliniki) barlagy öz içine 5 barlag alýar:
- umumy häsiýetlerini;
- natiw nuganyň mikroskopiýasy;
-reňklenen nusganyň mikroskopiýasy;
- elastik dokualara barlag;
-inçekeseliň mikobakteriasyna barlag;

Oňurga-beýni suwuklygy (kliniki) öz içine 6 alýar;
- umumy häsiýetleri;
- sitozy;
- belogy anyklamak;
- Pandiniň reaksiýasy;
- Такata-Aranyň reaksiýasy;
- likworogramma.

Eksudatyň we transudatyň umumy ( kliniki) 6 barlag öz içine alýar :
- umumy häsiýeti;
- otnositel dykyzlygyny anyklamak;
- belogy anyklamak;

- Riwaltyň reaksiýasy;
- natiw nusganyň mikroskopiýasy;
- boýalan nusganyň mikroskopiýasy;

8-nji sütünde molekular-genetiki sütünde “Polimeraz zynjyr reaksiaýasy” usulynda geçirilýän derňewleriň mukdaryny görkezilmeli. 9-njy sütünde “Akyş sitometriýa usulynda geçirilýän derňewleriň jemini görkezilmeli. 10-njy sütünde gistalogiki derňewleriniň jemi görkezilmeli.11-nji sütünde beýlekilerde täze girizilýän barlag usullarynda geçirilýän derňewleriň mukdary görkezilmeli.

**4.5.1 bölümçede** biohimiki, sitologiki, bakterialogiki, imunnologiki, beýlekiler barlag görnüşler boýunça maglumatlar görkezilýär:

- Biohimiki derňewlerden (3-nji sütünden 4.5 bölümçe) : fermentlere (1.1) , ganyň lagtalanma ulgamyna görezjileri ( koagulogramma) (1.2), duz-suw çalşygy (1.3) neonatal skrinige (feniketonuriýa,doga gipoterioz, mukowissedoz we beýlekiler) (1.4).
- Sitologiki derňewlerden (4-nji sütünden bölümçe 4.5): “Papa-Nikolaýyň” usulynda geçirilen derňewler PAP-test (2.1).
- Bakterialogiki derňewlerden materialyň inçekesel basillo çykarylyşyna bakteriologik barlaglary (5-nji sütünden bölümçe 4.5) bakteriologiki skopiýa (3.1) ekişler (3.2)
- Imunnologiki barlaglardan serologiki barlaglaryň toparyndan (6-njy sütünden bölümçe 4.5) serologiki barlaglardan RW- barlag (4.1), merezýeli ýüze çykarmak üçin sero we likwor kesgitlemesiniň aýratyn barlaglary (RPGA, IFA, RIF) görkezjileri (4.2),
- Imunnologiki barlaglaryň toparyndan täretiň wirusly ýokanjyna barlagy (6njy sütünden bölümçe 4.5) (4.3)
- Allergenlara geçirilen derňewler imunnologiki barlaglardan (6-njy sütünden bölümçe 4.5) (4.4)

Bu barada göz öňünde tutmaly, ýagny umumy (kliniki) derňewler, gan, peşew, täret we başga, olara aýratyn barlag görnüşlerde (ýeke täk hasabat) çykýan möçberi hasaplanýar.

**4.6 Bölümçede «Funksional kesgitleýiş otagynyň işi»** funksional kesgitleýiş otaglaryň, şeýle hem elektrokardiografiki otaglaryň, egerde edaralarda diňe elektrokardiografiki otagy bar bolsa otagyň işi görkezilýär. Bölümde barlanan şahslaryň umumy sanynyň – jemi, şol sanda –çagalar; edilen barlaglaryň sany - jemi, şol sanda-näsaglara saglyk öýlerinde we öýde edilen barlaglary görkezilýär. Egerde bir we şol näsaga edilen birnäçe aýratyn barlaglar (elektrokardiogramma we başga) edil barlanan şahs, ol hem şeýle görkezilýär bir gezek, edilen barlag sanyna, oňa edilen ähli barlaglar goşulýar.

## 5 BÖLÜM.
## GUDUZLAMA GARŞY IŞLER

Bu bölümde keseliň öňüni alyş edaralaryna guduzlama garşy ýüz tutan şahs sany maglumatlary, ýagny hasabat ýylynda gutaran (ýa-da ýatyrylan, egerde ol ýatyrylandygy tassyklanan bolsa) sanjym kursy, şeýle hem şahsda, özbaşdak sanjymy gutaran maglumatlar görkezilýär.

Guduzlama garşy ýüztutanlar hasabat ýylynyň ahyryna çenli, entäk kesgitlenmedik ýa-da sanjym kursyny gutarmadyk şahslar baradaky maglumatlar hasabata goşulmaýar.Olar barada maglumatlar indiki ýylyň hasabatyna goşulmaly.

5-nji bölüm guduzlama garşy kömek sorap ýüz tutanyň kartasynyň (f.045/h) maglumatlaryndan doldurylýar.

Bölümleriň doldurylanda dogrylygyny barlagda, 3-5-nji sütünleriň jemi sany, 2-nji sütüniň sanyna deň bolmagy hem mümkin, ýöne az bolmagy hem mümkin, gözegçilikden sanjym kursynyň gutarman çykan şahslaryň hasabyna (ýada dişlenenlerden soň keseli kesgitlenenler, şikes ýeten, haýwanyň köpüklemesiniň).

# 6 BÖLÜM.
# «TIZ KÖMEK» MERKEZINIŇ (BÖLÜMINIŇ) IŞI

**6.1 Bölümçe «Çagyryş wagtynda saglygy goraýyş kömegi»** „Tiz kömek” merkeziniň iş gündeligiň” (f.115/h) maglumaty boýunça doldurylýar. 1.0-nji setirde ýerine ýetirilen çagyryşlaryň umumy sany görkezilýär. 2.0-nji setirde çagryş wagtynda saglygy goraýyş kömegi berilen şahslaryň sany baradaky maglumatlar görkezilýär.

2.0-nji setirde görkezilen san, 1.0-nji setirdäki sanyna deň bolmagy hem mümkin, köp hem bolup biler haçanda bir çagyryşda birnäçe şahslara edilen kömegiň hasabyna 1.0-nji we 2.0-nji setirleriň sany 1,2-nji sütünlerde deň gelmezligi mümkin.

3,4,5-nji sütünlerde edil düzgündäki ýaly ýerine ýetirilen çagyryşda saglygy goraýyş kömegi edilen şahslaryň sany deň bolmaly. Netijesiz çagyryşlar ýerine ýetirilen çagyryşlara (1.0-nji setirde) goşulmaýar, olar barada maglumat bölümiň aşagynda 1-nji bölekde berilýär.

1-nji sütünde çagyryşda saglygy goraýyş kömegi edilen şahslaryň umumy sany baradaky maglumat berilýär.

2-nji sütünde çagyrylyşda betbagytçylykda saglygy goraýyş kömegi edilen zyýan çeken (ýaralanmanyň aýry görnüşleri we zäherlenme) şahslaryň sany görkezilýär.

3-nji sütünde (ýürek-damarynda ýiti bozulmasynyň ösýän ýagdaýynda we merkezi nerw ulgamynda, dem alyş agzalarynda, garyn boşlugynda we başga.) garaşylmadyk keseller we ýagdaýlar boýunça saglygy goraýyş kömegi edilen şahslaryň sany görkezilýär.

4-nji sütünde çagyrylyş, bejeriliş edaralaryndan başgalarynda dogrumda saglygy goraýyş kömegi edilen aýallaryň sany görkezilýär.

5-nji sütünde näsaglaryň, dogrumdaky we täze doguran aýallary äkitme tiz kömek maşyny bilen saglygy goraýyş kömegi edilen şahslaryň sany görkezilýär.

Bölümçäniň ähli setirlerindäki sany, 1-nji sütünde görkezilen, 2-5-nji sütünleriň sanynyň jemi deň bolmagy hem mümkin, düzgün boýunça bir azyrak köp bolup hem biler, gaýragoýulmasyz kömegiň hasabyna (dürli dowamlaýyn kesselleriň ýitileşmesinde we başga, egerde çagyrylyş kesel sebäpli edilen bolsa, onda ony duýdansyz syrkawlama degişli diýip hasaplamak bolar).

**6.2 Bölümçede «Tiz kömegiň” çagyryş toparynyň işi»** çagyrylşda saglygy goraýyş kömegini eden tiz kömek toparynyň işi baradaky maglumat toparyň sany we şahslaryň sany görkezilýär. Topar - tiz saglygy goraýyş kömeginiň birlik funksiýaly bölümi, ýetirýän wezipe birliklerine laýyklykda guralan işini bir smenada (6 sagat) üpjün edýär .

Bellik: Netijesiz çagyrylyşlar hasaplanýar: haçanda (heläk bolan) näsag ýerinde bolmadyk ýagdaýynda, (çagyrylyş nädogry bolanda) çagyrylyşa berilen ýerleşýän ýeriniň tapylmazlygy, heläk bolan (kesellän) hakykatdan sag we kömege mätäç däl ýa-da heläk bolanlar tiz saglygy goraýyş kömek gelinçä ölen ýagdaýlarda we başga.

1.0-nji setirde „Tiz kömek” bölüminiň toparynda umumy ugurly lukmanlyklaryň bar bolan sany görkezilýär. Toparyň umumy ugurly lukmanlygyň umumy sany 2.0-nji setirde çaga ilatyna kömek beren toparlaryň sany baradaky maglumatlar bölünýär. 3.0-nji setirde –özbaşdak feldşerlik toparyň sany (toparynyň sanyna goşulýar, ýagny lukmansyz lukmanlyk wezipesini wagtlaýynça feldşere çalyşan) 4.0-nji setirde-ýöriteleşdirilen toparyň umumy sany.

Ýöriteleşdirilen toparyň umumy sanyndan 5.0-9.0-njy setirde kardiologiki (bu ýere infarkta garşy goşulýar) toparlar, newrologiki we başga görkezilýär.

5.0-9.0-njy setirleriň sany 4.0-nji setiriň sanyna deň bolup biler, ýöne azam bolup biler, toparlaryň beýleki ugurlaryň hasabyna.

10.0-njy setirde özi ýüz tutan wagtynda saglygy goraýyş kömegi edilen şahslaryň sany baradaky maglumat berilýär. Maglumatlar (f.074/h) gatnawly bejergi alýan näsaglary belleme depderçesinden alynýar.

11.0-nji setirde kömek berilen adamlaryň sanyndan trombolitiki terapiýa mätäç bollanlaryň sany, şolardan amaly aşyryldy 12.0-nji setirde görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**